| Türkmenistanyň<br>Adalat ministrligi tarapyndan<br>2009-njy ýylyň 2-nji iýulynda<br>492 san bilen bellige alyndy | Türkmenistanyň<br>Maliýe ministriniň<br>2009-njy ýylyň 13-nji maýyndaky<br>35 belgili buýrugy bilen<br>tassyklanyldy |
|---|---|

**Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylaryň, paýlaýjylaryň we alyjylaryň harytlar, hyzmatlar we ýerine ýetirilen işler üçin çykdajylarynyň tölegleriniň geçirmegiň tertibi**

Şu Tertip Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylaryň, paýlaýjylaryň we alyjylaryň harytlar, hyzmatlar we ýerine ýetirilen işler üçin çykdajylarynyň tölegleriniň geçirmegiň tertibini kämilleşdirmek, serişdeleriň maksadalaýyk ulanmak maksady bilen işlenip taýýarlandy hem-de býujetden sarp edijiler tarapyndan hojalygy ýörediji taraplara tölegleri geçirmekligiň tertibini kesgitleýär.

## I. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi Türkmenistanyň “Býujet ulgamy hakyndaky” Kanuny esasynda “Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň meseleleri hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 14-nji fewralynda çykaran 9514 belgili karary bilen tassyklan “Türkmenistanyň Maliýe ministrligi hakyndaky” Düzgünnama laýyklykda Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylaryň, paýlaýjylaryň we alyjylaryň çykdajylaryny olaryň beren töleg resminamalary esasynda maliýeleşdirmegi amala aşyrýar.

Döwlet býujetiniň pulhanalaýyn ýerine ýetirilişi boýunça amallaryň hasabyny Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Gazna müdirligi we onuň sebitlerdäki bölümleri (mundan beýläk – Gaznaçylyk diýlip atlandyrylýar) ýöredýär. Gaznaçylyk hasaplaryna bank tarapyndan hyzmat edilmegini ygtyýarly banklar amala aşyrýarlar.

2. Şu Tertip boýunça Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylaryň, paýlaýjylaryň we alyjylaryň çykdajylaryny tölemek Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň toparlara bölünişiniň bellenen maddalary boýunça (№1 goşundy), degişli býujetleriň girdejileriniň we çykdajylarynyň ýyllyk ýazgysynyň çärýekleýin paýlanyşynda göz öňünde tutulan serişdeleriň çäklerinde (býujetiň ýerine ýetirilişiniň barşynda oňa bellenen tertipde girizilen üýtgetmeleri hasaba almak bilen) we çykdajylaryň her bir görnüşi üçin hereket edýän ölçegleri we bellenen möçberleri hasaba almak bilen amala aşyrylýar.

3. Býujet serişdelerini sarp etmegiň esaslandyrylyşyna gözegçilik etmek we jogapkärçilik Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylaryň, paýlaýjylaryň we alyjylaryň ýolbaşçylarynyň üstüne ýüklenýär.

4. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleri, etraplaryň we şäherleriň maliýe bölümleri, Türkmenistanyň Merkezi banky we hyzmat edýän banklar tölegleriň hasaba alnyşy we oňa gözegçilik üçin jogapkärçilik çekýärler.

5. Döwlet býujetinden tölegleri geçirmegiň şu Tertibinde düzgünleşdirilmedik meselelere Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda seredilýär.

## II. Töleg resminamalaryny resmileşdirmek

6. Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylar, paýlaýjylar we alyjylar Gaznaçylyga bank amallaryny geçirmek üçin bellenen görnüş boýunça ýolbaşçy tarapyndan tassyklanan, töleg resminamalaryna gol çekmäge hukugy bolan ýolbaşçynyň we baş buhgalteriň gollarynyň nusgalaryny, möhüriň şekili bilen bilelikde berýärler.

Diňe töleg resminamalaryna gol çekmäge hukugy bolan ýolbaşçynyň we baş buhgalteriň çalşyrylan wagtynda gollaryň nusgalary täzeden berilýär.

7. Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylar, paýlaýjylar we alyjylar önümleri iberijä, edilen hyzmatlary, ýerine ýetirilen işler üçin çykdajylary tölemek üçin şu resminamalary bellenen tertipde taýýarlap Gaznaçylyga tabşyrýarlar.

- 4 nusgada töleg tabşyrygyny, olaryň birinji we dördünji nusgalaryna býujetdäki sarp edijiniň gol çekmäge hukugy bolan ýolbaşçylary tarapyndan gol çekilýär. Olardaky gollar we möhür takyk bolmalydyr, düzedişe ýol berilmeýär;
- 3 nusgada merkezleşdirilen býujet boýunça, karzlary açmak üçin harçlamagyň tertibi – maliýeleşdirmegiň meýilnamasy, olaryň birinji nusgasyna býujetdäki sarp edijiniň gol çekmäge hukugy bolan ýolbaşçylary tarapyndan gol çekilýär we möhür basylýar;
- bellenen tertipde resmileşdirilen hasap-fakturalar, hasaplar, haryt-ulag ýanhatlary, býujetden sarp ediji edaranyň ýolbaşçysynyň "tölege" diýen ýazgysy we goly bilen - 1 nusgada (öňünden töleg geçirilende 2 nusgada);
- önümler kabul edilip alnan halatynda (işler, hyzmatlar edilen halatynda), familiýasyny, adyny we atasynyň adyny görkezmek bilen, ýolbaşçylar we baş buhgalterler tarapyndan gol çekilen we möhür bilen tassyklanan özara bergileriň deňeşdirme barlag ykrarhatlary - 1 nusgada;
- önümler kabul edilip alnan halatynda (işler, hyzmatlar edilen halatynda), bellenen tertipde resmileşdirilen haryt-maddy gymmatlyklaryň kabul edilendigi, ýagny, harydy satyjy tarapyndan goýberilendigi we alyjy tarapyndan kabul edilendigi barada gol çekilen ykrarhaty - 1 nusgada;
- azyk önümine, zat emlägine we beýleki üpjünçilik zatlaryna bolan islegiň hasaplamasy (düşündiriş haty), bellenen ölçegleriň möçberinde - 1 nusgada;
- edara görnüşli tarapy döretmedik telekeçileriň patenti, hasaba alyş şahadatnamasy - 1 nusgada;
- eger bu kanunçylykda göz öňünde tutulan bolsa işiň bellenen görnüşini ýerine ýetirmäge ygtyýarnama - 1 nusgada;

- Türkmenistanda öndürilen önümler we edilen hyzmatlar boýunça - önümiň (hyzmatyň) biriniň bahasyny esaslandyrýan harajatlaryň nyrhnamasy - 1 nusgada;

- maliýeleşdiriji bank tarapyndan barlanan, döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň, düýpli abatlamak, amaly işler üçin serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän binalar, desgalar boýunça özleşdirilen, maliýeleşdirilen we maliýeleşdirilmäge degişli möçberler barada delilnama №2, №3 goşundylara laýyklykda (merkezleşdirilen býujetiň çykdajylary boýunça 2 nusgada, ýerli býujetiň çykdajylary boýunça 3 nusgada);

- gurluşyk-bejeriş işleri boýunça 2-nji we 3-nji görnüşler – hakyky bahasy görkezijileýin bahadan pes bolan halatynda asyl nusgasy, görkezijileýin bahadan ýokary bolan halatynda 1 nusgasy;

- gündelik abatlamak işleriniň tölegi boýunça bahalandyryş nama, 2-nji we 3-nji görnüşler – 1 asyl nusgasy;

- gurluşyk-bejeriş işleriniň hakyky bahasy görkezijileýin bahadan ýokary bolan halatynda - Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi tarapyndan berlen ýörite netijenama - 1 nusgada;

- daşary ýurt potratçylary tarapyndan erkin ýörgünli daşary ýurt pulunda gurluşyk, düýpli abatlamak, abadanlaşdyrmak işleri amala aşyrylanda, buýrujy we potratçy tarapyndan resmileşdirilen töleg sertifikaty, ýerine ýetirilen işleriň namasy we jemleýji sanaw (zerur halatynda gümrük beýannamasy);

Harytlary satyn almak ýa-da hyzmatlary etmek baradaky geleşigiň ylalaşyklar we şertnamalar bilen resmileşdirilen halatlarynda, onda olar şonuň ýaly-da barlamak üçin berilýär.

Daşary ýurtlardan getirilen harytlar satyn alnanda (möçberi 6 müň manatdan köp bolan), olaryň gelip çykyşyny anyklamak üçin gümrük beýannamasy (dermanlardan, lukmançylyk enjamlaryndan we azyk önümlerinden başgalary) alynýar.

Bulardan başga-da zerur bolan ýagdaýynda goşmaça resminamalar soralyp bilner.

Gaznaçylyga tabşyrylan töleg resminamalaryny barlap bellik etmek üçin olara Gaznaçylyk tarapyndan netijenama goşulýar (№4, №5 goşundylar).

8. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň (welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň) müdirlikleri we bölümleri tölege hödürlenen resminamalary şu tertibe we beýleki kadalaşdyryjy resminamalara laýyklykda barlaýarlar.

9. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň we onuň gurluş birlikleriniň degişli hünärmenleri tarapyndan tölege hödürlenen resminamalardaky bahalar barlanan mahalynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň nyrhlary we harydyň gelip çykyş resminamalaryndaky (gümrük beýannamasy, daşary ýurt kärhanalary bilen baglaşylan we Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda hasaba alnan şertnama) bahalar, şahsy adamlaryň ýa-da edara görnüşli taraplaryň tassyklan nyrhnamalaryndaky bahalar esas edilip alynýar.

Azyk we oba hojalyk önümleriniň bahalary barlananda Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň hepdeleýin maglumatlaryna esaslanylýar. Şeýle maglumatlar her hepdede Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi we onuň welaýatlardaky we Aşgabat şäherindäki müdirlikleri tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe ministrligine we welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliklerine resmi taýdan berilýär.

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti her çärýekde bazar nyrhlary baradaky maglumaty, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi ylalaşylan nyrhlar baradaky maglumaty Türkmenistanyň Maliýe ministrligine berýärler.

10. Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylaryň, paýlaýjylaryň we alyjylaryň eýeçiligi döwlete dahylsyz kärhanalara, guramalara we telekeçilere önümler, ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar üçin tölegini tölemek, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň 5-nji martyndaky "Üpjün edijileri we potratçylary saýlap almak boýunça bäsleşikleri geçirmegiň tertibi hakyndaky" 5551 belgili kararyna laýyklykda geçirilýär.

11. Býujetden sarp edijileriň elektrik energiýasy, suw, lagym we gazdan peýdalanandyklary boýunça hasaplaşyklary hasapçylaryň görkezijileriniň we hyzmat etmek baradaky ylalaşyklaryň esasynda, býujetde göz öňünde tutulan serişdeleriň bellenen möçberleri boýunça amala aşyrylýar.

12. Býujet serişdelerini sarp edijiler: bilim, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi, medeniýet edaralary azyk önümlerini satyn almak üçin hasaplaşyklary bir aýyň dowamynda, her bir edara boýunça bellenen ölçegleriň we bölünip berlen möçberleriň çäklerinde geçirýärler.

Hasabat aýynyň yzyndan gelýän her aýyň 1-ne çenli býujetden sarp edijiler bilen üpjün edijileriň arasynda azyk önümleriniň, dermanlaryň goýberilendigi we alnandygy barada, deňeşdirme barlag ykrarhatlary düzülýär, oňa býujetden sarp edijiniň we üpjün edijiniň ýolbaşçylary, baş buhgalterleri tarapyndan gol çekilýär we möhür goýulýar. Azyk önümleriniň, dermanlaryň goýberilendiginiň we alynandygynyň deňeşdirme barlag ykrarhatlarynyň esasynda, tutuş etrap, şäher boýunça maliýe bölümleri tarapyndan tassyklanan jemleýji sanaw düzülýär.

Azyk önümleriniň, dermanlaryň goýberilendigi we alnandygy baradaky ykrarhatlarynyň sanawy býujetden sarp edijileriň welaýat dolandyryş edaralaryna iberilýär we 1 nusgasy üpjün edijide galýar. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň dolandyryş edaralary - býujetden sarp edijiler berlen sanawlaryň esasynda, býujet serişdelerini alýanlar bilen üpjün edijileriň arasynda özara bergililigiň welaýat we Aşgabat şäheri boýunça jemlenen sanawyny düzýärler (№6, №7, №8 goşundylar) we beýleki zerur resminamalar bilen bilelikde Gaznaçylyga tabşyrýarlar.

Býujetden maliýeleşdirilýän durmuş-medeni ulgamyň edaralarynyň iýmiti boýunça sanawlara degişli toparlar boýunça Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi tarapyndan tassyklanan pul ölçegleriniň çäklerinde, goýberilýän azyk

önümleriniň görnüşine we bahalaryna laýyklykda, mukdaryny we bahalaryny görkezmek bilen azyk önümleriniň sanawy goşulýar.

Tassyklanan sanawda görkezilen azyk önümleriniň bolmadyk halatynda beýleki azyk önümlerine çalyşmak bir näsaga (çaga we ş.m.) hasaplanan azyk önümleriniň tassyklanan pul ölçegleriniň çäklerinde geçirilýär.

## III. Gurluşyk, düýpli abatlamak, abadanlaşdyrmak we amaly işler boýunça çykdajylaryň töleglerini geçirmek

13. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleri Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary, düýpli abatlamagy, abadanlaşdyrmagy we amaly işleri maliýeleşdirmegi aşakdaky tertipde geçirýär:

- Döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary hem-de maksatlaýyn ýygymlaryň hasabyna ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak boýunça – her bir ministrlik, pudak edarasy, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri boýunça ýyllyk bellenilen möçberleriň çäklerinde Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen býujet buýrujylary tarapyndan tassyklanan gurluşyklaryň, binalaryň we desgalaryň jikme-jik sanawyna laýyklykda;
- düýpli abatlamak we amaly işler boýunça – ýyllyk bellenilen möçberleriň çäklerinde Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp, ministrlik, pudak edarasy, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan tassyklanan binalaryň we desgalaryň jikme-jik sanawyna laýyklykda.

14. Gurluşyk, durkuny täzelemek, düýpli abatlmak, abadanlaşdyrmak we amaly işler boýunça gurluşygyň, binanyň we desganyň taslama-çenlik resminama boýunça bahasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen möçberden ýokary bolan halatynda, Türkmenistanyň Gurluşyk ministrliginiň Baş döwlet seljeriş müdirliginiň netijenamasynyň bolmagy hökmandyr.

Taslama-çenlik resminama boýunça bahasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen möçberden pes bolan halatynda, düýpli abatlamak we abadanlaşdyrmak işleriniň bahasy taslama institutlary (ygtyýarlandyrylan taslama edaralary) tarapyndan işlenip düzülen bahalandyryş ýazgylary we güwänama esasynda kesgitlenýär.

15. Gurluşyklaryň, binalaryň we desgalaryň tassyklanan jikme-jik sanawyna üýtgetmeler hasabat ýylynyň 9 aýynyň netijeleri boýunça olaryň tassyklanyşy ýaly tertipde girizilýär. Buýrujylar tarapyndan esaslandyrylan ýagdaýynda jikme-jik sanawa bellenilen möhletden öň hem düzedişler girizilip bilner. Jikme-jik sanawda göz öňünde tutulan bölünmedik serişdeleriň hasabyna sanawa täze gurluşyklary, binalary we desgalary girizmek olaryň möhümligine baglylykda amala aşyrylýar.

16. Ýerine ýetirilen gurluşyk, düýpli abatlamak, abadanlaşdyrmak we amaly işler boýunça hasabatlary buýrujy ministrlikler, pudak edaralary, häkimlikler tarapyndan hasabat aýyndan soňky aýyň 10-na çenli Türkmenistanyň Maliýe ministrligine we maliýeleşdiriji banklara berilýär. Häkimlikler tarapyndan berilýän

hasabatlara welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleri hem gol çekýär.

17. Maliýeleşdiriji banklar döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň, düýpli abatlamak, abadanlaşdyrmak we amaly işler üçin serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän binalar, desgalar boýunça gurluşyk-gurnama işleriniň görkezijileýin bahalarynyň çäklerindäki gymmatyny barlaýar hem-de şu Tertibiň 7-nji bölüminde görkezilen delilnamany resmileşdirýär.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi hem-de onuň ýerlerdäki müdirlikleri gurluşyk-gurnama hem-de gündelik abatlamak işleriniň hakyky bahasynyň görkezijileýin gymmatyndan pes bolanda ýerine ýetirilen işleriň möçberini barlap G-2 bellik edýär.

Buýrujylar tarapyndan resminamalar hödürlenen ýagdaýynda, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi gurluşyk, durkuny täzelemek, düýpli abatlamak, abadanlaşdyrmak we amaly işler boýunça gurluşyk-gurnama işleriniň görkezijileýin bahalaryndaky gymmatyndan ýokary bolan, hakyky ýerine ýetirilen işleriň gymmatlamagy ýüze çykan bahasyna hereket edýän tertibe laýyklykda ýörite netijenama berýär.

18. Döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary, düýpli abatlamak we maksatlaýyn ýygymlarynyň hasabyna ilatly ýerleriň çägini abadanlaşdyrmak babatdaky jikme-jik sanawlarda göz öňünde tutulan gurluşyklar, binalar we desgalar boýunça her bir bina, desga göz öňünde tutulan ýyllyk maýa goýumlaryň ýa-da serişdeleriň 30 göterimine çenli möçberde hakujy tölegler, soňundan ýerine ýetirilen işleriň hasabyna tutup almak şerti bilen buýrujy tarapyndan potratça geçirilýär. Hakujy tölegler potratçynyň ýokarda durýan guramasyndan ýa-da bank edarasyndan ýa-da beýleki taraplardan berlen hakujy tölegini yzyna gaýtarmak barada kepillik haty bolan ýagdaýynda (döwlet emlägi girewine goýlup bilinmez) ýa-da materiallar üçin geçirilýär.

Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän gurluşyklarda we düýpli abatlaýyşda potratçy ýa-da buýrujy zerur enjamlar bilen üpjün edýär.

19. Döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary, düýpli abatlamak, abadanlaşdyrmak we amaly işler boýunça geçen hasabat ýylynda emele gelen bergileri tölemek №9, №10 goşundylara laýyklykda resmileşdirilen sanaw esasynda amala aşyrylýar.

20. Hojalyk hasaplaşygy şertinde saklanýan işgärleri ulanmazdan, döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän ýa-da ýardam puluny alýan edaralar tarapyndan hojalyk usulynda gurluşyk, düýpli abatlamak, abadanlaşdyrmak we amaly işler ýerine ýetirilende, G-2 namadan iş haky we gurluşyk maşynlaryny we mehanizmlerini ulanmak çykdajylary aýrylýar.

21. Buýrujy tarapyndan potratça berlen we ýerine ýetirilen işleriň möçberine goşulan gurluşyk materiallarynyň bahasyny tutup almaga hem-de öň tölegi

geçmedik bolsa bu serişdeleri gurluşyk materiallarynyň hasaplaşyklarynda bellenilen tertipde ulanmaga buýruja ygtyýar berilýär.

## IV. Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalarynyň çykdajylarynyň tölеglerini geçirmek

22. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň garamagyndaky ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalaryň harytlar (hyzmatlar) satylanda ýüze çykýan ýitgileri üçin döwlet býujetinde göz öňünde tutulan ýardam pullary tassyklanan ýyllyk möçberiň çäginde maliýeleşdirilýär.

Esasy işlerinden beýleki hojalyk hasaplaşygyndaky (potrat, şertnamalaýyn) işlerden gelýän girdejiler we çykdajylar bellenen tertipde Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Baş maliýe müdirlikleri tarapyndan ylalaşylan girdejileriň we çykdajylaryň sanawyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Bu kärhanalaryň hojalyk işlerinden alýan girdejileri Gaznaçylykdaky býujetden daşary hasaba gelip gowuşýar.

Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalar maliýeleşdirilende alnan girdejiler çykdajylardan aýrylýar, çykdajylaryň girdejiler bilen ýapylman galan bölegi hasabat ýylynda göz öňünde tutulan býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

23. Ilaty mugt agyz suwy bilen üpjün etmek we ilatyň ulanan lagym suwuny mugt akdyryp äkitmek bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmak üçin Döwlet býujetinden berilýän kömek pullaryny maliýeleşdirmek göz öňünde tutulan býujet serişdeleriň çäginde amala aşyrylýar.

Görkezilen maksatlar üçin Döwlet býujetinden berilýän kömek pullaryň möçberi ilata berilýän agyz suwunyň we akdyrylan lagymyň möçberinden ugur alnyp bellenen tertipde kesgitlenýär.

24. Ilata berilýän mugt agyz suwunyň möçberi hyzmat edilýän ilatyň hemişelik sanyna bellenilen kada boýunça berilýän suwuň mukdaryny we günleri köpeltmek arkaly kesgitlenýär.

Ilatyň ulanan lagym suwuny akdyrmagyň möçberi hyzmat edilýän ilatyň hemişelik sanyna bir adama düşýän lagym suwunyň mukdaryny we günleri köpeltmek arkaly kesgitlenýär.

Ilatyň hemişelik sany etrabyň (şäheriň) statistika edarasynyň maglumatlary bilen kesgitlenýär.

## V. Baş maliýe müdirliginde we maliýe bölümlerinde atly hasaplary açylan edaralaryň tölеglerini geçirmek

25. Merkezleşdirilen býujet boýunça welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliginde geçirilýän tölеglere merkezleşdirilen býujetiň serişdelerini baş paýlaýjylar tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe ministrligine berilýän harçlamagyň tertibine – maliýeleşdirmegiň meýilnamasyna laýyklykda karzlar açylýar.

Açylan karzlar merkezleşdirilen býujetiň serişdelerini baş paýlaýjylar we paýlaýjylar tarapyndan taýýarlanylýan býujet tabşyryklaryna laýyklykda merkezleşdirilen býujetiň serişdelerini alyjylara geçirilýär.

Baş maliýe müdirlikleri özlerinden geçýän tölegler banka iberilmäge taýýarlanylandan soň, tölegleri geçirmeklige ylalaşmak üçin Türkmenistanyň Maliýe ministrligine hat bilen ýüzlenýärler we hata goşundyda geçirilmeli tölegleriň sanawyny (№11 goşundy) iberýärler.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi geçirilýän tölegler boýunça belligi bolmadyk ýagdaýynda olaryň geçirilmegine garşy däldigi barada Baş maliýe müdirliklerine hat iberýär.

26. Atly hasaplary maliýe bölümlerinde ýa-da Baş maliýe müdirliklerinde açylan we merkezleşdirilen býujetden maliýeleşdirilýän edaralaryň Türkmenistanyň Maliýe ministrliginden geçirilmäge degişli tölegleri, maddalara laýyklykda, býujet serişdelerini baş paýlaýjylar (ministrlikler we pudaklaýyn edaralar) tarapyndan resmilişdirilip Ministrlige tabşyrylýar. Olara şu maddalar degişlidir:

- 2400 – Esasy serişdelere düýpli maýa goýumlary;

- 2700 – Ýurduň içindäki düýpli geçirmeler;

- 1184 – Beýleki gündelik çykdajylar - diňe Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrligi boýunça – 0824 – Teatrlary, filarmoniýalary, sazçylyk kollektiwlerini, ansambllary we sungat boýunça beýleki çäreleri maliýeleşdirmek;

Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy, Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy boýunça: 1130 – Üpjünçilik serişdelerini we çykdajy enjamlaryny satyn almak; 1190 – Goranmak we içeri işler edaralarynyň beýleki gündelik çykdajylary.

Beýleki ähli maddalar boýunça tölegler Baş maliýe müdirliklerinde geçirilmäge degişlidir.

27. Ýerli býujetiň hasabyna maliýeleşdirilýän edaralaryň tölegleri Türkmenistanyň Maliýe ministrliginde we welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliklerinde geçirilýär.

Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleri özlerinden geçýän tölegler banka iberilmäge taýýarlanylandan soň, tölegleri tölemek üçin pul serişdelerini ibermeklerini ýa-da hasapdaky galyndylaryň hasabyna tölemeklige ylalaşmaklaryny sorap Türkmenistanyň Maliýe ministrligine hat bilen ýüzlenýärler we hata goşundyda geçirilmeli tölegleriň sanawyny (№11 goşundy) iberýärler.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi geçirilýän tölegler boýunça belligi bolmadyk ýagdaýynda, olaryň geçirilmegi üçin zerur bolan ýagdaýynda (ýerli býujetleriň hasaplaşyk hasabynda zerur bolan pul serişdeleri bolmadyk ýagdaýynda) bellenen möçberleriň çäginde merkezleşdirilen býujetiň hasabyndan ýerli býujete geçiriliýän salgytlaryň ýa-da deňeçerlemek üçin geçirilýän serişdeleriň hasabyna pul serişdelerini geçirýär. Pul serişdelerini geçirmeklige

zerurlyk bolmadyk ýagdaýynda, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriň hasabynda bar bolan serişdeleriň hasabyna geçirilmegine garşy däldigi barada hat iberýär.

28. Atly hasaplary maliýe bölümlerinde ýa-da welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliklerinde açylan ýerli býujetden maliýeleşdirilýän edaralaryň Türkmenistanyň Maliýe ministrliginden geçirilmäge degişli tölegleri, maddalara baglylykda şol edaralar tarapyndan degişlilikde maliýe bölümlerine ýa-da Baş maliýe müdirliklerine tabşyrylýar. Baş maliýe müdirlikleri şeýle resminamalary barlaýar we oňa goşulan netijenama degişli hünärmenler tarapyndan gol çekilýär. Şeýle-de tölegleriň töleg tabşyryklaryna welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň gol çekmäge ygtyýarly ýolbaşçylary tarapyndan gol çekilip möhüri basylýar we töleg resminamalary Türkmenistanyň Maliýe ministrligine berilýär. Olara şu maddalar degişlidir:

- 1134 – Enjamlar we esbaplar;
- 1135 – Ýumşak esbaplar we egin-eşikler;
- 1181 – Ylmy – barlag edaralaryň hyzmatlary üçin töleg;
- 1183 – Binalary we jaýlary ýeňil abatlamak;
- 1184 – Beýleki gündelik harajatlar;
- 1313 – Kärhanalaryň we guramalaryň harytlar (hyzmatlar) satylanda ýüze çykýan ýitgileri – diňe Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy kärhanalary tarapyndan möçberi 6 müň manat we ondan ýokary geçýän materiallary, enjamlary satyn almak boýunça tölegleri;
- 2410 – Düýpli gurluşyk;
- 2430 – Düýpli maýa goýumlary boýunça bergileri üzmek;
- 2712 – Ýaşaýyş jaý we jemagat gurluşygy;
- 2750 – Döwlet dolandyryşynyň beýleki derejelerine düýpli maýa goýumlary boýunça bergileri üzmek üçin düýpli geçirmeler.

Ýerli býujetden maliýeleşdirilýän edaralaryň Türkmenistanyň Maliýe ministrliginden geçirilen tölegleri boýunça, tölegler bankdan geçirilenden soňra bank göçürmesiniň we töleg tabşyryklarynyň esasynda Ministrligiň Gazna müdirliginiň jogapkär işgäri tarapyndan gündelik welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça tölegleriň sanawy taýýarlanylýar we Gaznaçylygyň möhüri basylyp Baş maliýe müdirliklerine iberilýär. Şol töleglerden atly hasaplary maliýe bölümlerinde açylan edaralara degişlilerini Baş maliýe müdirlikleriniň Gazna bölümleri tarapyndan sanaw taýýarlanyp, Gaznaçylygyň möhüri basylyp maliýe bölümlerine iberilýär.

Atly hasaplary maliýe bölümlerinde açylan we Baş maliýe müdirliklerinde geçirilmäge degişli tölegler boýunça, resminamalar maliýe bölümlerinde barlanyp netijenama we töleg tabşyrygyna gol çekilip, möhür basylýar hem-de Baş maliýe müdirligine tabşyrylýar.

Atly hasaplary maliýe bölümlerinde açylan edaralaryň Baş maliýe müdirliklerinde geçirilen tölegleri boýunça, tölegler bankdan geçirilenden soňra bank göçürmesiniň we töleg tabşyryklarynyň esasynda Gazna bölümleriniň jogapkär işgäri tarapyndan gündelik etraplar we şäherler boýunça tölegleriň

sanawy taýýarlanylýar we Gaznaçylygyň möhüri basylyp maliýe bölümlerine iberilýär.

29. Tölegleriň ýerlerde degişli düzgünnamalaryň talaplaryna laýyklykda barlanandygyna we dogrulygyna Baş maliýe müdirlikleriň we maliýe bölümleriň ýolbaşçylary jogapkärçilik çekýärler.

**VI. Bank ulgamynyň üstünden tölegleri geçirmek**

30. Tölege hödürlenen resminamalar boýunça bellikler ýok bolsa, Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň (welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliginiň) töleg resminamalaryna gol çekmäge hukugy bolan işgärleri tarapyndan degişlilikde töleg tabşyrygyna, harçlamagyň tertibine – maliýeleşdirmegiň meýilnamasyna gol çekilýär we möhür goýulýar hem-de töleg tabşyrygyna Gaznaçylyk tarapyndan seneli möhür goýulýar. Töleg tabşyryklarynyň hereket edýän möhletleri şol seneden bellenýär.

31. Şundan soň töleg tabşyryklarynyň 3 sany nusgasy (1 sany golly we 2 sany golsuz) bank ulgamynyň üsti bilen töleg geçirmek üçin hyzmat edýän banka ugradylýar.

Banklar tölegleri diňe Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň (welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň) belligi bolan halatynda geçirýärler.

32. Kabul edilen, emma bank tarapyndan ol ýa-da beýleki sebäplere görä ýerine ýetirilmedik töleg tabşyryklary yzyna gaýtarylanda, onuň birinji nusgasynyň arka tarapynda bank yzyna gaýtarylmagynyň sebäbini görkezýär, sene goýýar, jogapkär ýerine ýetiriji gol çekýär we bankyň dörtburç möhüri basylýar.

33. Bank töleg resminamalaryny kabul etmegi Gaznaçylyk tarapyndan düzülen töleg tabşyryklarynyň sanawynyň esasynda amala aşyrýar. Sanaw töleg tabşyryklaryna laýyk gelen halatynda, bankyň jogapkär işgäri sanawyň ikinji nusgasynda kabul edilen senesini goýýar, gol çekýär we bankyň dörtburç möhürini basýar we Gaznaçylyga gaýtarýar. Jogapkär ýerine ýetirijiniň goly çekilip we resminamalaryň kabul edilen senesi görkezilip resmileşdirilen birinji nusga bankda galýar.

34. Bankyň üsti bilen töleg geçirilenden soň töleg tabşyrygynyň 1-nji nusgasy töleýjiniň bankynda galýar, 2-nji we 3-nji nusgalary tölegiň tölenendigi barada bankyň belligi bilen Gaznaçylyga gaýtarylýar, şunlyk-da 2-nji nusga Gaznaçylykda galýar we tölegiň geçirilendigini tassyklaýan resminama bolup hyzmat edýär, 3-nji nusgasy bolsa býujetden sarp ediji töleýjä berilýär. Töleg tabşyrygynyň bank hasaby boýunça geçirilen güni töleg geçirildi hasap edilýär.